THE
ASHGABAT
TIMES

# Türkmenistan halkara jemgyýetçiligini bitaraplygyň mümkinçiliklerini has giňden peýdalanmaga çagyrdy

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredow Aşgabatda ýokary derejeli halkara forumyň çäklerinde bitaraplygyň giň mümkinçiliklerini, onuň amaly gurallaryny has giňden ulanmagy teklip etdi.

Raşid Meredow Türkmenistanyň dünýäde tanalýan we hormatlanýan ýurt bolandygyny, munuň konstruktiw daşary syýasat, global we sebit howpsuzlygy, durnukly transport, energetika, daşky gurşawy goramak we ynsanperwer ugurlardaky başlangyçlar bilen baglanyşyklydygyny belledi. Döwletimiziň ähli hereketleriniň syýasy-hukuk, dünýägaraýyş esasyny bitaraplyk düzýär.

Türkmenistanyň bu prinsipial pozisiýasy hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedow tarapyndan şu ýylyň iýul aýynda Aşgabatda BMG-niň Baş sekretary Antonio Guterreş bilen geçirilen gepleşiklerde tassyklanyldy. Döwlet Baştutany Türkmenistanyň BMG bilen strategiki hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny, munuň daşary syýasatyň şertsiz ileri tutulýan ugrudygyny tassyklady.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Prezidenti hökümetiň giňişleýin mejlisinde bitarap we bloklara goşulmaýan döwletleriň dünýä syýasatyndaky roluny ýokarlandyrmagyň zerurdygyny belledi.

Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygynyň 29 ýyllygyna bagyşlanan “Halkara parahatçylygy we durnukly ösüşi berkitmek üçin bilelikdäki hereketler” atly halkara konferensiýa 11-nji dekabrda Aşgabatda geçirildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 05.01.2025